***Täze ýyl baýramy mynasybetli ýurdumyzyň welaýatlarynda hem-de Aşgabat, Arkadag şäherlerinde ýerleşýän söwda merkezlerinde, ak bazarlarda, dükanlarda guralan göçme söwda nokatlarynda gyzgalaňly söwdalaryň gerimi barha giňäp başlady.***

Все права защищены



Все права защищены

Gök öwüsýän arçalar, olary bezemek üçin dürli oýunjaklar, yşyklandyryjylar baýramçylyk söwda nokatlaryna özboluşly bezeg berýär. Şeýle hem olaryň ýanynda sebetlerde, sandyklarda hem-de başga-da milli öwüşgindäki dürli gaplarda ýerleşdirilen sowgatlyk önümler ilata hödürlenilýär. Bu ýerde alyjylaryň islegine görä sowgatlyklar hem taýýarlanylýar.




Ýurdumyzyň telekeçileri, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileri tarapyndan öndürilen dürli görnüşli süýjülikler, şokoladly we konditer önümler sowgatlaryň esasy bölegini düzýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 02.02.2026